**Türkmenistanyň Suwdaky Sport Görnüşleriniň**
**Federasiýasynyň maslahatynyň**
**Teswirnamasy**

28.10.2023 Aşgabat ş.

**Gün tertibi**

1. Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Türgenler Komitetini döretmek meselesine seretmek.
2. Dürli meseleler.

Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň baş kätibi B.Orazow Federasiýasynyň maslahatyna gatnaşan 26 sany agzalary hasaba aldy. Federasiýasynyň maslahatyny geçirmek üçin zerur bolan ses sanawy gazanyldy.

1. Gün tertibiň I soragy boýunça Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň başlygy G.Atanyýazow federasiýanyň işini halkara talaplara laýyklykda alyp barmak, türgenleriň hukuklaryny we borçlarynyň, gender deňliginiň talaba laýyk ýerine ýetirilmegini gazanmak, türgenleriň pikirlerini öňe çykarmak we Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynda türgenleriň sesleriniň diňlenmegini üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň düzgünnamasyna laýyklykda federasiýamyň Türgenler komitetini döretmek barada teklip berdi. Şeýle hem federasiýanyň Ýerine ýetiriji komiteti tarapyndan bu täze döredilijek Türgenler komitetiniň düzgünnamasyny işläp düzmegi we tassyklamak baradaky teklibiň sese goýmulmagyny sorady.

**Teklip sese goýuldy we bir agyzdan kabul edildi.**

**Karar edildi:** Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Türgenler komitetini döretmeli. Federasiýanyň Ýerine ýetiriji komiteti tarapyndan bu täze döredilijek Türgenler komitetiniň düzgünnamasyny işläp düzmeli we tassyklamaly.

Türkmenistanyň Suwdaky sport
görnüşleriniň federasiýasynyň başlygy G. Atanyýazow

Türkmenistanyň Suwdaky sport
görnüşleriniň federasiýasynyň baş kätibi B. Orazow